# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN OKTÝABR AÝYNYŇ 25-i, 2025. №41

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ BILEN PREZIDENT SERJIO MATTARELLANYŇ DUŞUŞYGY



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasyna resmi sapar bilen bardy. Türkmenistan bilen Italiýa Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alýan we geljege ynamly garaýan üstünlikli hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly bolup durýar. 1992-nji ýylda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursadyndan bäri ýurtlarymyz özara hormat goýmak ýörelgeleri esasynda köpugurly hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýärler.

Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky syýasy dialog ýokary netijeliligi bilen tapawutlanýar. Ýokary derejedäki yzygiderli gatnaşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga kuwwatly itergi berýär. 2009-njy, 2015-nji we 2019-njy ýyllarda Gahryman Arkadagymyzyň Italiýa Respublikasyna amala aşyran saparlary, 2014-nji ýylda Italiýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana sapary täze taryhy eýýamda türkmen-italýan gatnaşyklarynyň berk binýadyny goýdy.

Şu gezekki sapar hem türkmen-italýan hyzmatdaşlygynyň has-da pugtalandyrylmagynda möhüm ädim boldy. Rime saparynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz "Altare della Patria" ýadygärlik binasynda näbelli esgeriň guburyna gül goýdy. Ýadygärlik binasynyň öňünde döwlet Baştutanymyzy Italiýa Respublikasynyň goranmak ministri Gwido Krozetto we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar. Döwlet Baştutanymyz "Altare della Patria" ýadygärlik binasynda näbelli esgeriň guburyna gül çemenini goýdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýanyň Prezidenti Serjio Mattarella bilen duşuşdy. Duşuşygyň öňüsyrasynda Italiýa Respublikasynyň Prezidentiniň "Kwirinale" köşgünde döwlet Baştutanymyzy resmi garşylamak dabarasy boldy. "Kwirinale" köşgüniň howlusynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Italiýanyň Prezidenti Serjio Mattarella mähirli garşylady.

Resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Italiýa Respublikasynyň Prezidenti Serjio Mattarellanyň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

Prezident Serjio Mattarella belent mertebeli türkmen myhmanyny mähirli mübärekläp, Türkmenistan bilen özara hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan netijeli hyzmatdaşlyga Italiýada ýokary baha berilýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz Italiýa resmi sapar bilen gelmäge çakylyk hem-de myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, Italiýa Respublikasynyň Prezidenti bilen şu duşuşygynyň türkmen-italýan hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge saldamly goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

– Biz Italiýa Respublikasynyň Türkmenistan bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge ygrarlydygyna ýokary baha berýäris. Biz hem, öz gezegimizde, Italiýa bilen hyzmatdaşlygymyzy ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn formatlarda giňeltmäge gyzyklanma bildirýäris – diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň aprel aýynda geçirilen birinji «Merkezi Aziýa – Italiýa» sammitiniň ähmiýetini belledi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz şu ýyl Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny belleýändigini we bu waka mynasybetli 12-nji dekabrda Aşgabatda halkara forumyň geçiriljekdigini aýdyp, Prezident Serjio Mattarellany foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Dostlukly ýurduň Prezidenti çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň sebitde durnuklylygy we parahatçylygy pugtalandyrmakda eýeleýän möhüm ornuna Italiýada ýokary baha berilýändigini belledi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Prezident Serjio Mattarella Türkmenistanyň hem-de Italiýanyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ugurlaryň giň toplumy boýunça mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydyklaryny tassyklap, birek-birege we iki ýurduň dostlukly halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ WE RUSSIÝANYŇ FEDERASIÝA GEŇEŞINIŇ ARASYNDA HYZMATDAŞLYK YLALAŞYGYNA GOL ÇEKILDI

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Dünýägözel Gulmanowa iş saparynyň çäklerinde Moskwa şäherinde Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenko bilen duşuşdy. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň resmi saýtyna bellenilip geçilýär.

Duşuşykda Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenko, Dünýägözel Gulmanowanyň Moskwa eden saparynyň aýratyn ähmiýetini belläp geçdi. "Bu – Siziniň Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy hökmünde Russiýa eden ilkinji saparyňyzdyr. Men pikir edýärin, bu sapar diňe bir parlamentara hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine däl, eýsem iki ýurduň özara peýdaly gatnaşyklarynyň umumy ösüşine hem täze itergi berer" diýip, ol aýtdy.

Walentina Matwiýenko: "Russiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde iki ýurduň Liderleriniň uly tagallalary ýatyr. Prezidentler Wladimir Putin we Serdar Berdimuhamedow ýakynda Duşen-




bede GDA döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisiniň hem-de «Russiýa – Merkezi Aziýa» sammitiniň çäklerinde duşuşdylar. Ýylyň ahyryna çenli ýene birnäçe möhüm ikitaraplaýyn duşuşyklar meýilleşdirilen. Bu bolsa hyzmatdaşlygymyzyň ýokary derejede we yzygiderli ösdürilýändigini görkezýär." diýip, belledi.

Russiýanyň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysy türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň parlamentara hyzmatdaşlyga berýän ünsüni we goldawyny aýratyn belledi.

Walentina Matwiýenkonyň belleýşi ýaly, iki ýurduň kanun çykaryjy edaralarynyň hyzmatdaşlygy döwletara gatnaşyklaryň möhüm bölegine öwrüldi. Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy hem öz gezeginde Walentina Matwiýenkonyň parlamentara gatnaşyklaryň ösdürilmegine goşan uly goşandyny belledi.

Duşuşykda Federasiýa Geňeşiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň hyzmatdaşlyk toparynyň işi barada hem pikir alyşyldy. Federasiýa Geňeşiniň Başlygy ilkinji bilelikdäki mejlisi geçirmegi we "ýol kartasyny" – anyk çäreleriň meýilnamasyny taýýarlamagy teklip etdi.

Walentina Matwiýenko parlamentleriň Hökümetara Ykdysady Hyzmatdaşlyk boýunça Iş toparynyň işine goldaw bermäge taýýardygyny aýtdy. Onuň pikiriçe, hyzmatdaşlygyň giňelmeginde iki ýurduň sebitleriniň orny aýratyn ähmiýete eýedir.

Duşuşykda taraplar bilim we medeniýet ulgamyndaky hyzmatdaşlyk meselelerine hem-de rus diliniň ösdürilmegine aýratyn üns berdiler.

Duşuşygyň çäklerinde Federasiýa Geňeşiniň we Türkmenistanyň Mejlisiniň arasynda hyzmatdaşlyk barada Ylalaşyga gol çekmek dabarasy boldy. Walentina Matwiýenkonyň pikirine görä, bu resminama parlamentara gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagyna we giňeldilmegine täze mümkinçilikler açar.

## TÜRKMENISTAN BILEN BMG HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA TÄZE ÇARÇUWALY MAKSATNAMA GOL ÇEKDI

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda maslahat geçirildi. ● 4

## TÜRKMENISTANYŇ NEBITGAZ PUDAGYNY ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARY

2025-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Aşgabatda "Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025" (OGT 2025) atly XXX halkara maslahaty we sergisi geçirilýär. Bu foruma dünýäniň 70-den gowrak ýurdundan wekiller gatnaşýar. ● 5

## «DARAGT» ÇEPER FILMI TÄJIGISTANDA HALKARA BAÝRAGA MYNASYP BOLDY

2025-nji ýylyň 15-20-nji oktýabry aralygynda Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilen II "Tojik somoni" halkara kinofestiwalynda eminler toparynyň ýörite baýragyna mynasyp boldy. ● 6

cmyk




# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 30 ÝYLLYGYNA GIŇDEN TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Bitaraplyk binasynyň ýanynda Hökümet agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen Guramaçylyk döwlet toparynyň hojalyk iş maslahatyny geçirdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Aşgabatda gurulýan we döwrebaplaşdyrylýan desgalaryň hem-de binalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy.

Şu ýylyň başynda Gahryman Arkadagymyz Bitaraplyk binasynyň ýanynda bolup, BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygy we sazlaşykly ösüş ýoluna düşen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleriň guramaçylykly geçirilmeginde möhüm ähmiýeti bolan işleri ýerine ýetirmek boýunça wezipeleri kesgitläpdi.

Bu gün bolsa Milli Liderimiz şol işleriň ýerine ýetirilişi bilen gyzyklandy. Gahryman Arkadagymyz şanly sene mynasybetli ýaýbaňlandyrylan işleriň köp ugurlary öz içine alýandygyny belläp, şunda şäherde alnyp barylýan gurluşyklaryň möhletlerine, paýtagtymyzyň arassaçylyk we abadanlaşdyryş işlerine, ekologiýa derejesine zerur üns berilmelidigini belledi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz paýtagtymyzyň günortasynda döwrebaplaşdyrylýan binalaryň şekil taslamalary, ekiljek baglaryň, yşyklandyryş we ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň görnüşleri bilen tanyşdy. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk we senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow Bitaraplyk binasynyň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmaga gönükdirilen işler, gurulýan we döwrebaplaşdyrylýan desgalaryň taslamalary hem-de olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary barada hasabat berdi.

Görkezilýän şekil taslamalarynyň hatarynda Bitaraplyk binasynyň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmagyň we bu künjekde döredilýän Bitaraplyk seýilgähiniň çäklerinde ekilmegi meýilleşdirilýän bag nahallarynyň teklip edilýän görnüşleri, Bitaraplyk muzeýiniň içki bezeg işlerine degişli serişdeler bar. Şeýle hem bu künjegiň ýol-ulag düzümine degişli desgalary döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi.

Gahryman Arkadagymyz görkezilýän şekil taslamalaryny synlap, meýilleşdirilen ähli işleriň ýokary hil derejesinde we kesgitlenen möhletlerde ýerine ýetirilmelidigini aýdyp, bu babatda özüniň degerli maslahatlaryny berdi.

Milli Liderimiz türkmen ilinde "Gelen – döwlet", "Myhman atańdan uly" ýaly paýhasly jümleleriň döredilendigini we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli guraljak dabaralara BMG-ä agza ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, wekilçilikli toparlarynyň gatnaşmagynyň meýilleşdirilýändigini belledi. Şunda myhmanlaryň türkmen halkynyň milli däpleriniň esasynda garşylanylmagyna, olara ýokary derejeli hyzmatlaryň hödürlenilmegine zerur üns berilmelidir.

Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň durmuşynda syýasy ähmiýeti bolan halkara çäreleri guramaçylykly geçirmek we dabaranyň maksatnamasyny taýýarlamak babatda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň Iş dolandyryjysy R.Bazarowa hem-de Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa degişli maslahatlary berdi. Taýýarlanylan teklipleri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň makullan halatynda degişli taýýarlyk işlerine girişilmelidir.

Şunda ýurdumyzda geçirilýän dabaralara we halkara maslahata gatnaşjak myhmanlaryň ähli çärelere işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek meselelerine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu işleriň ýokary guramaçylyk derejesini ýola goýmak babatda bilelikdäki tagallalaryň zerurdygyna ünsi çekdi.

Gahryman Arkadagymyz paýtagtymyzyň çäginde ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçiriljek ýerine geldi. Bu ýerde köpçülikleýin bag nahallaryny oturtmagyň güýzki möwsümi geçiriler. Şu mynasybetli bu ýerde ekiljek türkmen arçalarynyň nahallary taýýarlanyldy.

Ýurdumyzyň Bitaraplyk baýramyny mynasyp derejede guramak we dabaralary guramaçylykly geçirmek bilen bir hatarda, ählihalk bag ekmek dabarasynyň talabalaýyk guralmalydygyny belläp, Gahryman Arkadagymyz her ýylda geçirilmegi asylly däbe öwrülen bu çärä şäher ilatynyň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek babatda öwüt-nesihatlaryny berdi.

# ARKADAG ŞÄHERINDE ILKINJI GEZEK TÜRKMEN ARÇASY EKILER

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmagynda bina edilen Arkadag şäherine gelip, bu ýerde täze şäheriň çäklerinde gurulýan we gurulmagy teklip edilýän döwrebap desgalaryň şekil taslamalary hem-de ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, täze şäherde ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçiriljek ýerine bardy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa täze şäheriň çäklerinde ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri barada aýdyp, ýurdumyzyň ussat bagbanlarynyň ösdürip ýetişdiren türkmen arçasynyň nahallarynyň şu gezekki bag ekmek möwsüminde köpçülikleýin ekilmegini teklip edýändikleri barada hasabat berdiler.

Alym Arkadagymyz ilkinji gezek Arkadag şäherinde ekilmegi teklip edilýän türkmen arçasynyň ählihalk bag ekmek dabarasynda oturdylmagyny makullap, bag nahallary ekilenden soňra, olara agrotehniki kadalara laýyk gelýän ideg işleriniň yzygiderli ýola goýulmagy babatda özüniň öwüt-nesihatlaryny we degerli maslahatlaryny berdi.

Türkmen arçasy häzirki wagtda Ahal welaýatynda köpçülikleýin ösdürilip ýetişdirilýär. Welaýatda zähmet çekýän telekeçi bagbanlar Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň goldawlary netijesinde ýer bölekleri alyp, ylmy işleri alyp barmak bilen, türkmen arçasynyň dürli görnüşlerini döredendiklerini, bu baglaryň welaýatyň etraplarynda ekilýändigini uly buýsanç bilen belleýärler. Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda ýurdumyzyň ekologiýa syýasatyny has-da rowaçlandyrýar, bu ugurda iş alyp barýan hususyýetçileri hemmetaraplaýyn goldaýar.



Soňra lukman Arkadagymyz täze şäheriň lukmançylyk klasterine degişli desgalaryň gurluşyklaryny synlady. Önümçilik toplumynyň binalarynda alnyp barylýan işleriň, önümçilikde ulanylýan çig mallaryň ýokary hilli bolmagy, önümçilik galyndylarynyň talabalaýyk gaýtadan işlenilmegi möhüm talap bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde önümçilikleriň ýerli ilatyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýyna täsirini ýetirmezden alnyp barylmalydygyna möhüm ähmiýet berilmelidigini aýtdy we bu babatda özüniň öwüt-nesihatlaryny berdi.

Milli Liderimiz görkezilýän şekil taslamalaryny synlap, olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Gahryman Arkadagymyz durmuş we önümçilik maksatly binalaryň ýanaşyk ýerleriniň ýokary derejede abadanlaşdyrylmagynyň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi.

# TÜRKMENISTAN OWGANYSTANA YNSANPERWER KÖMEGINI BERER

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmagynda bina edilen Arkadag şäherine gelip, bu ýerde täze şäheriň çäklerinde gurulýan we gurulmagy teklip edilýän döwrebap desgalaryň şekil taslamalary hem-de ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Gahryman Arkadagymyz ýaňy-ýakynda Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygynyň nobatdaky tapgyryna badalga bermek üçin Owganystanda saparda bolan mahalynda owgan dogan-



larymyzyň – ýertitreme zerarly jaýsyz galan raýatlaryň hemaýata mätäçligi sebäpli haýyş bilen ýüzlenendiklerini belläp, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowa bu babatda teklipleriň taýýarlanylmalydygyny aýtdy.

Milli Liderimiz teklipleri döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürläp, bu meselede Arkadagly Gahryman Serdarymyz bilen maslahatlaşyp, «Kyýamat güni goňşudan» diýlişi ýaly, owgan halkyna dostluk golumy uzatsak, hemaýatlarymyzy bersek maksadalaýyk bolar diýdi.

Gahryman Arkadagymyz şeýle edilse türkmen halkyna mahsus ynsanperwerlik ýörelgeleriniň we haýyrly işleriň goňşy halka goldaw bermekde öz beýanyny tapjakdygyna ünsi çekdi. Türkmen halky taryhyň dowamynda dünýä nusgalyk ýagşy dessurlary döredipdirler, olaryň häzirki döwürde dowam etmegi bolsa sogap işleriň dowamata atarylýandygyny görkezýär.

# TÜRKMENISTAN 2027-NJI ÝYLDA TOPH ARKALY OWGANYSTANA GAZ IBERMEGI MEÝILLEŞDIRÝÄR

Türkmenistan «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» (TOPH) gaz geçirijisi arkaly Owganystana tebigy gaz ibermäge 2027-nji ýylyň başynda başlamagy meýilleşdirýär. Bu barada "TAPI Pipeline Company Limited" kompaniýasynyň baş direktory Muhammetmyrat Amanow «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly halkara maslahatynyň we sergisiniň dowamynda beýan etdi.

Amanow: «Gaz geçirijiniň Owganystandaky bölegi babatda, biziň meýilnamamyz, maksadymyz – gurluşyk işlerini indiki ýylyň ahyryna çenli tamamlamak we indiki ýylyň ahyrynda ýa-da 2027-nji ýylyň başynda gaz akdyryp başlamak» diýip, belledi.

Ol, şeýle hem, taslamany durmuşa geçirmek üçin zerur bolan esasy ylalaşyklary baglaşmak boýunça Pakistan bilen gepleşikleriň gidişi barada habar berdi. Taslamanyň operatory: «Biz Pakistanyň geljekdäki maýa goýumlary goraýan, maýadarlara we ähli hökümet edaralary




ry, gaz geçiriji agentlikleri we beýleki zerur ylalaşyklar ýaly maliýe institutlaryna ynam berýän esasy ylalaşyklary baglaşmaga gatnaşmagy ugrunda işleýäris» diýip, belläp geçdi. Onuň sözlerine görä, gepleşikler tamamlanmaga ýakyn – işiň 90%-den gowragy ýerine ýetirildi. Bu tapgyry 2026-njy ýylyň birinji ýarymynda tamamlamak meýilleşdirilýär.

Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisi "Galkynyş" gaz käninden ýylda 33 mlrd kub metr gazy ibermäge niýetlenendir. Taslama laýyklykda, 5 mlrd kub metr Owganystana, 14 mlrd kub metrden bolsa Pakistana we Hindistana iberiler.

Häzirki wagtda gaz geçirijiniň uzynlygy 214 km bolan türkmen böleginiň gurluşygy tamamlandy. 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda bolan Serhetabat – Hyrat atly owgan böleginiň gurluşygyna başlandy. Häzirki wagtda gurluşyk işleri Owganystanyň çäginde işjeň dowam edýär.

# MILLI LIDERIMIZ «ARKADAGYŇ AK ÝOLY BILEN SERHETABAT – HYRAT» GAZ GEÇIRIJISINIŇ NOBATDAKY TAPGYRYNA AK PATA BERDI



Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen binýady goýlan ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Sebitiň ýurtlary bilen özara bähbitli we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri-ne esaslanýan hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmak bu strategiýanyň esasy ugurlarynyň biridir.

Türkmenistan Owganystan bilen özara hormat goýmak we dost-doganlyk gatnaşyklaryň esasynda giň gerimli bilelikdäki taslamalary, hususan-da, ulag-kommunikasiýa, ýangyç-energetika ugurlarynda dürli taslamalary üstünlikli amala aşyrýar. Munuň özi goňşy ýurduň parahatçylykly durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegi we häzirki zaman dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna üstünlikli goşulyşmagy üçin aýratyn ähmiýete eýedir.

*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» gaz geçiriji taslamasynyň «Arkadagyň Ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat» gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan nobatdaky tapgyryna ak pata berdi.*

2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň taslamasynyň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň, Serhetabat – Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy – Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine badalga berilmegi, şeýle hem Serhetabat – Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedindäki uzynlygy 177 metrlik demir ýol köprüsiniň we Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçirijisiniň taslamasynyň birinji tapgyryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Owganystanyň Hyrat welaýatynda ýerleşýän «Nur-el-Jahad» elektrik bekediniň işe girizilmegi munuň aýdyň beýanydyr.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI ABŞ-NYŇ PREZIDENTI DONALD TRAMPA MINNETDARLYK BILDIRDI

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» gaz geçiriji taslamasynyň «Arkadagyň Ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat» gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan nobatdaky tapgyryna ak pata berdi.



Bu möhüm taslamanyň nobatdaky tapgyryna ak pata beren türkmen halkynyň Milli Lideri dabarada eden çykyşynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampa öz minnetdarlygyny bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçiriji taslamasyny ilkinji bolup goldan döwletleriň biri hem Amerikanyň Birleşen Ştatlary bolup durýandygyny belläp, gaz geçiriji taslamasynyň konsultant-maslahatçysy bolup çykyş edýän Amerikanyň «Brownstein» kompaniýasynyň goşandyny belledi, şeýle hem «Brownstein» kompaniýasy bu ägirt uly taslamany durmuşa geçirmekde öz gymmatly, peýdaly maslahatlaryny berýändigini aýtdy.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýokary derejede geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça III halkara maslahaty Türkmenistanyň halkara abraýyny has-da artdyrandygyny bellän Gahryman Arkadagymyz bu halkara maslahaty bilen bagly Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Tramp hem öz gutlagyny iberendigini belläp geçdi.

Şeýle hem, Milli Liderimiz pursatdan peýdalanyp, ýurdumyzda geçirilýän uly ähmiýetli halkara maslahatlary goldap, öz gutlagyny iberendigi, şeýle hem «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçiriji taslamasyny goldaýandygy üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampa tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

## MILLI LIDERIMIZ: TOPH TASLAMASY HER ÝYL OWGANYSTANA 1 MILLIARD DOLLAR GIRDEJI GAZANDYRAR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Arkadagyň Ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat» gaz geçirijisiniň nobatdaky tapgyryna badalga bermek mynasybetli dabara gatnaşdy.

Bu dabaraly mejlisde çykyş eden türkmen halkynyň Milli Lideri öz çykyşynda goňşy we sebit döwletleriň gülläp ösmeginde, ykdysady taýdan durnukly gurşawy emele getirmekde uly ähmiýete eýe bolan «Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň uzynlygy 214 kilometr bolan türkmen bölegi edermen gazçylarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilendigini belledi.

Bu gün bolsa uzynlygy 153 kilometr bolan Arkadagyň Ak ýoly bilen Serhetabat-Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan nobatdaky tapgyryny dowam etdirmek işleriniň şaýady bolýarys.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan bu taslamany durmuşa geçirmek üçin berk maddy-enjamlaýyn binýat döredildi. Taslamanyň gurluşygy 200-den gowrak täze häzirki zaman kuwwatly tehnikalar bilen üpjün edildi. Bu taslamanyň gurluşygyna owgan raýatlary hem işe çekiler. Şeýle hem, bu taslamanyň doly durmuşa geçirilmegi bilen owgan halky üçin täze iş orunlary döriär. Her ýyl Owganystana ortaça 1 milliard amerikan dollaryndan gowrak serişdeler gelip gowşar, diýip, Milli Liderimiz belledi.



Türkmen halkynyň Milli Lideri pursatdan peýdalanyp, Türkmenistan bilen Owganystanyň arasynda iri möçberli taslamany durmuşa geçirmäge gatnaşýandygy üçin edermen gazçylarymyza, şeýle hem bu taslamany goldandygy we ony amala aşyrmaga gatnaşýandygy üçin, owgan tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

## MILLI LIDERIMIZ: «BROWNSTEIN» KOMPANIÝASY TOPH TASLAMASYNYŇ MASLAHATÇYSY BOLUP ÇYKYŞ EDÝÄR

**«Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçiriji taslamasyny ilkinji bolup goldan döwletleriň biri hem Amerikanyň Birleşen Ştatlary bolup durýar. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Arkadagyň Ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat» gaz geçirijisiniň nobatdaky tapgyryna badalga bermek mynasybetli dabaraly mejlisdäki çykyşynda belläp geçdi.**

**Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky gatnaşyklar ýokary derejede ösdürildi. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk köp sanly ugurlary öz içine alýar. Bu ugurlara özara söwda, maýa goýumlary hem-de işewürler toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklar degişlidir.**



**Şunuň bilen baglylykda, Türkmen-amerikan işewürler geňeşiniň uly ähmiýetiniň bardygyny hem aýratyn bellemek isleýärin. Indi köp ýyllardan bäri belli amerikan kompaniýalary Türkmenistanda uly işleri durmuşa geçirýärler. Amerikanyň «Boeing», «Case New Holland», «John Deere», «Caterpillar», «General Electric», «Sikorsky», «Nicklaus Design» kompaniýalary ýurdumyzda üstünlikli iş alyp barýarlar.**

**Aýratyn-da, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçiriji taslamasynyň konsultant-maslahatçysy bolup çykyş edýän Amerikanyň «Brownstein» kompaniýasynyň goşandyny belläp geçmek isleýärin. «Brownstein» kompaniýasy bu ägirt uly taslamany durmuşa geçirmekde öz gymmatly, peýdaly maslahatlaryny berýär.**

## TOPH TASLAMASYNYŇ OWGANYSTANDAKY IŞLERI ÜSTÜNLIKLI ALNYP BARYLÝAR

**Ozal habar berşimiz ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň owgan böleginde alnyp barylýan gurluşyk işleri bilen tanyşdy.**

**Owganystanyň ýokary derejeli wekiliýeti, ykdysady meseleler boýunça premýer-ministriň orunbasary Abdul Gani Baradar Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň ýolbaşçylary bilen duşuşdy. Bu barada Owganystanyň premýer-ministriň orunbasarynyň resmi saýtynda habar berilýär.**



**Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň ýolbaşçylary Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň owgan böleginde alnyp barylýan gurluşyk işleri barada habar berdiler.**

**Häzirki wagtda TOPH taslamasynyň owgan böleginde 14 kilometr gurluşyk işleri alnyp baryldy we ýene-de turba geçirijilerini gurnamak üçin 70 kilometrlik meýdan işleri geçirildi.**

**Şeýle hem turbalary gurnamak üçin 30 kilometrlik bölekde işler tamamlanyp, öňümizdäki aýlarda bu bölekde hem turbalary gurnamak işleri geçiriler.**

**Şeýlelikde, häzirki wagtda Merkezi Aziýa bilen Günorta Aziýanyň arasyndaky energetika köprüsi bolup hyzmat etjek TOPH taslamasynyň Owganystandaky işleri üstünlikli alnyp barylýar. Bu ugurda owgan tarapynyň hem uly goldawy bar.**

**Bu möhüm sebitleýin taslamanyň Owganystan bölegindäki işleri geljek ýylda tamamlamak göz öňünde tutulýar.**

**Ykdysady meseleler boýunça premýer-ministriň orunbasary Abdul Gani Baradar TOPH taslamasyny durmuşa geçirmek babatda alnyp barylýan işlere ýokary baha berdi.**

# TÜRKMENISTAN BILEN BMG HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA TÄZE ÇARÇUWALY MAKSATNAMA GOL ÇEKDI

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda maslahat geçirildi. Oňa "Ata Watan Media" topary hem gatnaşdy.

Maslahata Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow, BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy jenap Dmitriý Şlapaçenko, BMG-niň Türkmenistandaky düzümleriniň ýolbaşçylary, ilçiler, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, talyplar hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdy.

Maslahatyň başynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow, Türkmenistanyň Prezidentiniň maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlag hatyny okady. Döwlet Baştutanymyzyň Gutlag hatynda: "Biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hoşniýetli goňşuçylyga, birek-birege hormat goýmaga, deňhukuklylyga, dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan Bitaraplyk syýasatymyzy yzygiderli dowam etdirýäris. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş boýunça möhüm Kararnamalaryň uly toplumynyň kabul edilmegi dünýäde hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär, Bitarap Watanymyzyň at-abraýyny has-da artdyrýar" diýlip bellenilýär.




Soňra maslahatyň gün tertibi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow, BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy jenap Dmitriý Şlapaçenko, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky Hemişelik wekili Narine Saakiýan, Bütindünýä Saglygy goraýyş Guramasynyň (BSGG) Türkmenistan boýunça edarasynyň täze bellenen ýolbaşçysy Ýegor Zaýsew, Türkmenistanyň bilim ministri Jumamyrat Gurbangeldiýew, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri Myrat Mämmedow, Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministri Mämmetguly Astanagulow çykyş edip, Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky stragetik häsiýete eýe bolan hyzmatdaşlygyň işjeň ösdürilýändigi bellenildi.

Çykyşlarda, Türkmenistan bilen BMG-niň dürli ugurlarda, şol sanda ylym-bilim, saglygy goraýyş, söwda, sanlylaşdyrma, ekologiýa ýaly ulgamlarda köp sanly bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilýändigi bellenildi.

### TÜRKMENISTAN-BMG: HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARYNY ÖSDÜRJEK TÄZE YLALAŞYK

Maslahat tamamlanandan soňra Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2026-2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly Maksatnamasyna gol çekildi.

Bu maksatnama Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko tarapyndan gol çekildi.

Gol çekişlik dabarasyndan soňra çykyş eden daşary işler ministri Raşid Meredow köp ýyllardan bäri Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda 5 ýyllyk hyzmatdaşlyk maksatnamalarynyň kabul edilip gelinýändigini belläp, bu gezek onuň 5 tapgyryna gadam basylandygyny aýtdy.

Täze maksatnama Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda täze hyzmatdaşlyk döwrüniň başlanandygyny belläp, şunuň bilen baglylykda, bu maksatnamanyň ähmiýetiniň uludygyny belledi.

BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko bolsa, Türkmenistanyň Hökümetine Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine berýän goldawlary üçin hoşallyk bildirdi.

Dmitriý Şlapaçenko täze maksatanamanyň taýýarlamak üçin 1 ýyldan gowrak bilelikde iş alnyp barlandygyny belläp, köp sanly duşuşyklaryň we gepleşikleriň netijeleri boýunça täze maksatnamanyň işlenip düzülendigini aýtdy.

Dmitriý Şlapaçenko täze maksatnamanyň Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda hyzmatdaşlygyň dürli ugurlarda işjeň ösdürilmegine goşant goşjakdygyny belledi.

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINIŇ GRUZIÝA SAPARY

Tbiliside Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň Gruziýanyň daşary işler ministri Maka Boçorişwili bilen duşuşygy geçirildi, onda iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar tassyklanyldy diýip, Gruziýanyň Daşary işler ministrligi habar berýär.

Gepleşikleriň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga ýardam eden ýokary derejeli soňky saparlaryň ähmiýetini bellediler. Gündogary günbatar bilen birleşdirýän Orta geçelgäni ösdürmek boýunça Gruziýa bilen Türkmenistanyň bilelikdäki işine üns çekilip, söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berildi.

Ministrler iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygy nygtadylar, halkara guramalaryň çäklerindäki özara goldawy aýratyn belläp geçdiler. Olar geljekde bu özara bähbitli gatnaşygy dowam etdirmäge umyt bildirdiler.

Duşuşykda parlamentara hyzmatdaşlygyň orny, şeýle hem medeniýet, bilim, ylym, syýahatçylyk we sport ulgamlarynda gatnaşyklary çuňlaşdyrmagyň zerurlygy möhüm orun eýeledi.

Sebitleýin howpsuzlyk meseleleri, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmegiň zerurlygyna üns çekildi.

Gruziýa saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň daşary işler ministri Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwili, Prezident Mihail Kawelaşwili we Premýer-ministr Iraklıý Kobahidze bilen hem duşuşar.

22-nji oktýabrda Raşid Meredow Tbiliside geçiriljek Bäşinji Ýüpek ýoly forumyna gatnaşar, bu bolsa Türkmenistanyň sebitleýin başlangyçlara gatnaşmagyny güýçlendirmekde nobatdaky ädim bolar.

### METBUGAT MASLAHATY

Gruziýanyň daşary işler ministri Maka Boçorişwili we Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow ikitaraplaýyn duşuşygyň netijeleri boýunça bilelikdäki metbugat maslahatyny geçirdiler.

"Biziň halklarymyzyň arasynda dostlukly gatnaşyklar bar, bu bolsa biziň ikitaraplaýyn gatnaşyklarymyzy has-da çuňlaşdyrmak üçin pugta esas bolup hyzmat edýär" diýip, Maka Boçorişwili belledi. Ol Gruziýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini, muňa ýokary derejeli soňky saparlaryň ýardam edýändigini aýtdy.

Ministr energetika, ulag we üstaşyr ulgamlarynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň mümkinçiligine aýratyn üns berdi. "Biziň syýasy gepleşigimiz iki ýurduň hem ileri tutýan ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde esasy rol oýnaýar. Geljek ýyl Ykdysady



hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara toparyň mejlisi geçiriler, bu bolsa täze ugurlary kesgitlemek üçin möhüm meýdança bolar" diýip, Boçorişwili nygtady.

Ol şeýle hem üstaşyrmümkinçiliginiň we Gruziýanyň "Ýüpek ýoly" forumyny guraýjy hökmünde ähmiýetini nygtady. "Bu forum Gruziýanyň esasy ileri tutýan ugruna – özara baglanyşyklylyga baglydyr. Türkmenistan bilen gatnaşyklary pugtalandyrmak biziň üçin ileri tutulýan ugur" diýip, ministr belläp geçdi.

Ol sözüniň ahyrynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi üçin, hem ikitaraplaýyn, hem sebitleýin derejede parahatçylygyň we durnuklylygyň wajypdygyny nygtady.

Raşid Meredow bolsa, öz gezeginde, Gruziýa Türkmenistana halkara giňişliginde berýän goldawlary üçin minnetdarlyk bildirdi. Ol duşuşygyň açyk we netijeli ýagdaýda geçendigini we geljekdäki meýilnamalary ara alyp maslahatlaşmak üçin möhüm esasy döredýändigini belledi.

Meredow Gruziýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana soňky iki saparyny aýratyn belläp geçdi, bu bolsa Tbilisiniň hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga bolan ymtylyşyny görkezýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy iki ýurduň halkara guramalaryň çäginde özara hyzmatdaşlygyň ähmiýetini, şeýle hem ykdysady, medeni, ylmy we bilim gatnaşyklaryny ösdürmegiň wajyplygyny nygtady.

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRI 5-nji TBILISI ÝÜPEK ÝOLY FORUMYNA GATNAŞDY

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti 5-nji Tbilisi Ýüpek ýoly forumyna gatnaşdy. «Baglanyşyga maýa goýum – durnuklylykda ösüş» şygary astynda geçirilen halkara forum 60-dan gowrak ýurtdan 2000-den gowrak gatnaşyjyny – hökümet wekillerini, işewür toparlaryň ýolbaşçylaryny, halkara guramalarynyň hem-de maliýe edaralarynyň ýolbaşçylaryny, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini bir ýere jemledi.

2014-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy sessiýasynda möhüm başlangyç hökmünde öňe sürülenden bäri, Tbilisi Ýüpek ýoly forumy söwda, ulag, energetika we sanly baglanyşyk meseleleri boýunça strategik pikir alyşmalary ösdürýän öňdebaryjy halkara çäreleriniň birine öwrüldi.




Forumda çykyş eden ministr Raşid Meredow Türkmenistanyň ýurtlaryň arasyndaky ynama, öňüni alyjy diplomatiýa we bitaraplygyň ýörelgelerini amaly taýdan ornaşdyrmaga esaslanýan "Bütindünýä howpsuzlyk strategiýasyny" işläp düzmegiň mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmagy teklip edýär.

Türkmenistan Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa geçirmäge hem-de ählumumy ykdysady, ulag we energetika baglanyşygyny pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär; Hazar we Gara deňiz ekoulgamlaryny goramak boýunça halkara platformany döretmekde tagallalary birleşdirmegiň maksadalaýykdygyny hasaplaýar. Türkmenistan halkara hukugynyň ýokarlanmagynyň tarapdary bolup çykyş edýär we 2028-nji ýyly "Halkara hukugynyň ýyly" diýip yglan etmegi teklip etdi.

Forumyň çäklerinde ulag we logistika, «Orta geçelgä» ösüşi, energetika we sanly tehnologiýalar, şeýle hem Gruziýanyň maýa goýum ýagdaýy we mümkinçilikleri boýunça panel sessiýalar hem geçirildi.

## Gruziýanyň Premýer-ministri Türkmenistanyň Daşary işler ministri bilen duşuşdy

**Gruziýanyň Premýer-ministri Irakli Kobahidze Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen duşuşdy diýip, Gruziýanyň Hökümetiniň Metbugat gullugy habar berýär.**



**Duşuşykda taraplar Gruziýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Iki ýurduň arasynda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşlerde ösdürilýän syýasy hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi, energetika pudagyndaky oňyn dinamika we söwda-ykdysady gatnaşyklaryň mundan beýläk-de giňeldilmegi üçin mümkinçilikler bellenip geçildi. Taraplar, aýratynlykda, üstaşyr ulag geçelgeleriniň ähmiýeti we Orta geçelgäniň ösdürilmegi barada pikir alyşdylar, bu babatda Gruziýanyň strategik ornunyň aýratyn ähmiýetine üns berildi. Duşuşykda, şeýle hem, Merkezi Aziýada parahatçylygy ilerletmek ugrunda Türkmenistanyň edýän tagallalaryna ýokary baha berlip, sebitiň ýurtlarynyň durnuklylygynyň ykdysady ösüş üçin aýratyn ähmiýetlidigi nygtaldy.**

# TÜRKMENISTANYŇ NEBITGAZ PUDAGYNY ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARY

2025-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Aşgabatda “Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025” (OGT 2025) atly XXX halkara maslahaty we sergisi geçirilýär. Bu foruma dünýäniň 70-den gowrak ýurdundan wekiller gatnaşýar. Maslahatyň açylyş mejlisinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Batyr Amanow çykyş etdi.

Wise-premýer öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan syýasatyň netijesinde ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüş strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirýändigini, onuň merkezine bolsa ýangyç-energetika toplumynyň ösdürilmegi hem-de halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi bardygyny belledi.

«Uzak möhletleýin strategiýanyň esasy maksady – Türkmenistanyň dünýä energetika bazarynda ygtybarly hyzmatdaş hökmünde durnukly ösüşini üpjün etmek we onuň ornuny has-da berkitmekdir» diýip, wise-premýer nygtady.

«Ýurt boýunça gysga wagtda giň göwrümli taslamalar durmuşa geçirildi. Olaryň köpüsi diňe nebit-gaz pudagynyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda däl, eýsem dünýä energetika howpsuzlygyny üpjün etmede hem möhüm ähmiýete




eýedir» diýip, Amanow çykyşyny dowam etdirdi.

Çykyşda aýratyn üns “Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan” (TOPH) gaz geçirijisiniň gurluşygyna gönükdirilen halkara derejeli iri taslamalara berildi. Wise-premýer 20-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideriniň “Serhetabat–Herat” bölegindäki işleriň ýagdaýy bilen tanyşandygyny we bu taslamanyň sebitiň durnukly ösüşi üçin strategik ähmiýete eýedigini nygtady.

### AMANOW NEBIT-GAZ PUDAGYNYŇ ÖSDÜRILIŞINDÄKI ESASY UGURLARY WE MÖHÜM TASLAMALARY HEM BELLÄP GEÇDI:

- *“Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan” gaz geçirijisiniň gurluşygy boýunça hyzmatdaşlyk;*
- *Hazar deňiz sebitindäki deňiz bloklaryny daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna özleşdirmek;*
- *Nebit-gaz ylmy we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, şol sanda ýerasty gaz desgalaryny döretmek boýunça hyzmatdaşlyk;*
- *Köne nebit-gaz ýataklaryny çuňlaşdyryp işläp taýýarlamak boýunça halkara tejribäni ornaşdyrmak we bu ugurda tejribeli kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk;*
- *Uglewodorod serişdelerini çuňňur gaýtadan işlemek boýunça mümkinçilikleri giňeltmek;*

# “BOTAŞ”-YŇ BAŞ DIREKTORY: ESASY MAKSADYMYZ – TÜRKMEN GAZYNY UZAKMÖHLETLEÝIN SATYN ALMAK

Türkiýäniň “BOTAŞ” kompaniýasynyň baş direktory Abdulwahit Fidan “Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025” atly 30-njy halkara maslahatynyň we sergisiniň açylyş plenar mejlisinde çykyş etdi. Ol çykyşynda türkmen gazynyň Türkiýä iberilip başlanmagynyň taryhy




ähmiýetini belläp, bu hyzmatdaşlygyň uzakmöhletli we giň göwrümli esasda ösdürilmegi boýunça Türkiýäniň strategik garaýşyny beýan etdi.

### 30 ÝYLLYK ARZUW AMALA AŞDY

Fidan maslahata gatnaşmagyndan örän hoşal bolandygyny belläp, şeýle diýdi: «Biz şu ýylyň mart aýynda ilkinji gezek türkmen gazyny Türkiýede kabul etdik». Ol bu wakany «taryhy üstünlik» diýip atlandyrdy we ony 1999-njy ýylda ilkinji ylalaşyga gol çekilenden bäri dowam edip gelen 30 ýyllyk arzuwyň amala aşmagy hökmünde häsiýetlendirdi.

Häzirki wagtda türkmen tebigy gazy Eýran üsti bilen Türkiýä iberilýär. Fidan bu üstünlikleriň iki ýurduň ýolbaşçylarynyň berk erk-isleginiň hem-de türkmen hyzmatdaşlarynyň aýratyn çemeleşmesiniň netijesinde mümkin bolandygyny nygtady.

### TÜRKMEN GAZYNYŇ UZAKMÖHLETLEÝIN ÜPJÜNÇILIGI BOÝUNÇA STRATEGIK GARAÝYŞ

Ol türkmen gazynyň Türkiýä uzakmöhletleýin we köp möçberde iberilmegi üpjün etmek strategik ugur hökmünde kesgitlenendigini belledi. Fidan bu maksada ýetmegiň diňe Türkmenistanyň we Türkiýäniň däl, eýsem tutuş sebitiň ösüşinde öwrülişik nokady boljakdygyna berk ynam bildirdi.

Şeýle hem ol “BOTAŞ” kompaniýasynyň bu täsirli taslamany durmuşa geçirmek üçin ähli zerur çäreleri görmäge doly taýýardygyny nygtady. Bu taslamanyň sebitiň energiýa üpjünçilik ugurlaryny düýpli özgertjekdigi bellenildi.

### TÜRKIÝÄNIŇ SEBITLEÝIN GAZ MERKEZINDÄKI ORNY

“BOTAŞ”-yň baş direktory çykyşynda Türkiýäniň sebitleýin we halkara gaz üpjünçiligindäki ösüşleri barada sanly maglumatlary hem hödürledi.

Onuň bellemegine görä, ýurt ýyllyk 55–60 milliard kub metr gaz sarp edýär we gaz üpjünçiliginde importa uly derejede bagly. Şeýle-de bolsa, energetika howpsuzlygyna gönükdirilen syýasatyň netijesinde, ýurt giň möçberli infrastrukturanyň gurluşygyna maýa goýdy.

### AÝRATYN BELLEMELI MAGLUMATLAR:

- *Ýokary basyşly gaz geçiriji torlaryň uzynlygy 13 müň kilometrden 20 müň kilometre çenli artdy.*
- *Ilatyň 85%-i, ýagny 74 million adam, häzirki wagtda tebigy gaza elýeterlilik mümkinçiliklerine eýe.*
- *“BOTAŞ” häzirki wagtda 34 ýurt bilen gaz importy we eksporty boýunça hyzmatdaşlyk edýär.*
- *Kompaniýa Bolgariýa, Rumyniýa we Wengriýa ýaly ýurtlara gaz eksport edýär hem-de dünýä suwuklandyrylan gaz (LNG) söwdasyna işjeň gatnaşýar.*

# ORHAN ZEÝNALOW: AZERBAÝJAN TÜRKMENISTAN BILEN ENERGETIKA HYZMATDAŞLYGYNA TAÝÝAR

Aşgabatda geçirilýän “Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025” (OGT 2025) atly XXX halkara maslahatynda Azerbaýjanyň energetika ministriniň orunbasary Orhan Zeýnalow çykyş edip, nebit-gaz pudagynyň strategik ähmiýetini we iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri barada belläp geçdi.

Orhan Zeýnalow çykyşynda soňky 30 ýylyň dowamynda dünýä energetika ulgamynda uly üýtgeşmeleriň bolup geçendigini belläp, alternatiw energiýa çeşmeleriniň ösmegine garamazdan, olaryň adaty energiýa serişdelerini doly çalyşman, diňe olary doldurýandygyny aýtdy. Şu nukdaýnazardan, Azerbaýjanyň gaz senagaty strategik ähmiýete eýedir diýip, ol nygtady.

Energetika ministriniň orunbasary Azerbaý-




janyň Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyny ösdürýändigini hem belledi. Onuň bellemegine görä, energetika hyzmatdaşlygy TransHazar geçelgesiniň durmuşa geçirilmegine ýol açýar.

Orhan Zeýnalow çykyşynyň dowamynda aýratynlykda “ýaşyl energetikanyň” ösdürilmegi we täze eksport ugurlarynyň döredilmegi barada-da durup geçdi. Onuň bellemegine görä, Azerbaýjan häzirki wagtda Gün we ýel energiýasy boýunça birnäçe taslamalaryň gurluşygyny tamamlap, “Azerbaýjan–Türkiýe–Ýewropa ýaşyl geçelgesini döretmek ugrunda işler alyp barýar. Bu geçelge arassa energiýanyň eksporty üçin möhüm köpri hökmünde garalýar.

Çykyşynyň çäklerinde Orhan Zeýnalow sebitiň ajaýyp geljegine ynam bildirdi we Türkmenistan bilen tebigy gaz hem-de “ýaşyl” energetika ugurlarynda ýakyn hyzmatdaşlyga taýýardygyny nygtady.

# Türkmenistan Hytaýa 450 milliard kubmetr tebigy gaz eksport etdi

**Türkmenistandan Hytaýa tebigy gazyň eksportynyň umumy möçberi 450 milliard kub metre ýetdi. Bu görkeziji iki ýurduň ykdysady we durmuş ösüşine güýçli itergi berdi diýip, CNPC-niň Merkezi Aziýa we Russiýa boýunça prezidenti Çen Huaýlun “Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025” atly 30-njy halkara maslahatynda belledi.**

**Çen Huaýlunyň bellemegine görä, dünýä energetika ulgamy arassa we az uglerodly geljege tarap ösüp barýan häzirki şertlerde tebigy gaz örän möhüm we çalşyp bolmajak orny eýeleýär. Tebigy baýlyklara örän baý ýurt hökmünde Türkmenistan dünýäniň artýan energiýa islegini kanagatlandyrmakda we ýurtlaryň az uglerodly ösüş maksatlaryna ýetmegine ýardam bermekde uly mümkinçiliklere eýedir. Şeýle hem ol eksport ugurlaryny giňeldýär we köplendirýär diýip, işewür aýtdy.**

**CNPC-niň wekili soňky 19 ýylda energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygyň oňyn netije berendigini, aýratyn-da gaz ulgamynda uly üstünlikleriň gazanylandygyny belledi. 2007-nji ýylda möhüm şertnamalaryň baglaşylmagyndan soň hyzmatdaşlyk köp ugurlar boýunça – “Bagtyýarlyk” taslamasynyň çäginde känleriň özleşdirilmeginden başlap, söwda we inženerçilik ugruna çenli giňeldi.**




**Çen Huaýlun Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan gazanylan soňky ylalaşyklary aýratyn belläp, olaryň hyzmatdaşlygyň strategik häsiýetini tassyklaýandygyny nygtady.**

**Ol öz çykyşynda CNPC-niň Türkmenistanyň “Türkmengaz” döwlet konserni bilen energetika hyzmatdaşlygyny ähli gaz zynjyry boýunça çuňlaşdyrmak hem-de giňeltmek ugrunda tagalla etjekdigini aýtdy. Kompaniýa durnukly önümçiligi, gaz çykarylyşynyň netijeliligini we gaz geçirijileriň howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda hyzmatdaşlygy berkitmegi dowam etdirer.**

**Mundan başga-da, Çen Huaýlunyň aýtmagyna görä, CNPC ýaşyl energetika ulgamynda öwrülişik geçirişini çaltlaşdyrar, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, wodorod energetikasy we metan zyňyndylaryny azaltmak babatynda hyzmatdaşlyk we bilelikdäki ylmy-barlaglary ösdürer.**

**Bu çäreler Türkmenistanyň energetika gurluşyny kämilleşdirmäge we uglewod zyňyndylaryny azaltmak boýunça maksatlaryna ýetmäge ýardam berer. Şeýle hem energetika infrastrukturasynda sanly ulgamlary (akylly energetika ulgamlary, sanly turbageçirijiler) ösdürmek we dürli okuw maksatnamalary arkaly Türkmenistanyň hünärmenler binýadyny güýçlendirmek boýunça hyzmatdaşlyk dowam eder.**

## «Arkadag» topary AFK-2 Çempionlar ligasynda «Al-Ahli» bilen deňme-deň oýnady



Türkmenistanyň çempiony «Arkadag» futbol topary Kataryň «Al-Ahli» topary bilen AFK-2 Çempionlar ligasynyň toparlaýyn tapgyrynyň üçünji duşuşygynda myhmançylykda 2:2 hasabynda deňme-deň oýnady.

Ýer eýeleri Mateý Mitrowiç (41-nji minut) we Mişel Wlap (56-njy minut) bilen 2:0 hasabynda öňe saýlandy. Muňa garamazdan, ruhdan düşmän erjel oýun görkezen "Arkadag" topary Baýram Ataýewiň (79-njy minutda) we Mekan Saparowyň (90+1-nji minutda) geçiren gollary bilen hasaby deňledi.

Toparça beýleki duşuşygynda Özbegistanyň «Andijan» topary öz meýdanynda Bahreýniň «Al-Haldiýa» klubuny kabul etdi. Oýun 0:0 hasabynda tamamlandy. Üç tapgyrdan soň «Al-Haldiýa» 5 utuk bilen toparça öňdeligi saklaýar. «Andijan» bilen «Al-Ahli» 3 utukdan toplady. «Arkadag» topary bolsa 2 utuk bilen barýar.

"Arkadag" topary nobatdaky duşuşygyny 5-nji noýabrda "Arkadag" stadionynda geçirer.

## Durant NBA taryhyndaky iň köp hak alýan basketbolçy bolar




ABŞ-nyň milli ýygyndysynyň düzüminde dört gezek Olimpiýa çempiony bolan Kewin Durant Milli basketbol assosiasiýasynyň (NBA) "Hýuston" kluby bilen täze şertnama baglaşdy. Bu barada "ESPN" telekanaly habar berdi.

Täze şertnama iki ýyllyk bolup, umumy bahasy 90 million dollara deňdir. Şertnama 2027/28-nji möwsümini öz içine alýan bir ýyllyk uzaltma mümkinçilik hem berýär.

Şeýlelikde, Durant NBA taryhynda karýerasy boýunça iň köp girdeji gazanan oýunçy bolup galdy – onuň umumy gazanjy 598,2 million dollara deň boldy. Bu möçber öňki şertnamalardan hem-de täze ylalaşykdan ybaratdyr. Durant bu görkeziji boýunça "Los-Anjeles Leýkers" toparynyň dört gezek NBA çempiony bolan Lebron Jeýmsden (583,9 million dollar) geçdi.

37 ýaşyndaky Durant "Hýuston" toparyna iýul aýynda "Finiks" toparyndan geçdi. Ol basketbol taryhynda dört gezek Olimpiýa çempiony bolan ýeke-täk oýunçydyr.

Şeýle hem Durant iki gezek NBA finalynyň iň gymmatly oýunçysy diýlip yglan edilipdi we 15 gezek NBA ýyldyzlar oýnuna gatnaşypdy. Durant "Oklahoma", "Golden State" (onda iki gezek NBA çempiony boldy) hem-de "Bruklin" toparlarynda hem oýnady.

# «Daragt» çeper filmi Täjigistanda halkara baýraga mynasyp boldy

Türkmen kinorežissýory Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» çeper filmi 2025-nji ýylyň 15-20-nji oktýabry aralygynda Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilen II "Tojik somoni" halkara kinofestiwalynda eminler toparynyň ýörite baýragyna mynasyp boldy.

Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde surata düşürilen bu film «Nawruz» kinoteatrynda bäsleşik maksatnamasynyň çäklerinde görkezildi.




Filme Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň tanymal kino işgärlerinden ybarat bilermenler topary baha berdi.

Türkmen kinosyna berlen bu ýokary baha filmde türkmen zenanynyň maşgala gymmatlyklaryna ygrarlylygyny açylyp görkezilmegi bilen hem ýokary baha mynasyp boldy.

Türkmen režissýory S. Baýramowyň «Daragt» filmi türkmen maşgalasynyň ykbaly barada gürrüň berýär. 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy döwründe adamsyny urşa ugradan baş gahryman Näzik ondan bäri ençe ýyl geçenem bolsa, gursagynda onuň gaýdyp geljekdigine bolan ynamy besläp, umyt bilen garaşyp gelipdir. Film geçen ýyllaryň edebini we şaýatlaryň gürrüňlerinden ýazylyp alnyp ýygnalan hakykatdan bolan wakalary öz içine alýar.

Türkmen zenanynyp wepadarlygyny hem-de maşgala ojagyny ygrarlylygyň giňden açylyp görkezilen bu filmine berlen ýokary baha Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda maşgala gymmatlyklaryna goýulýan belent sarpadan nyşandyr.

Halkara kinofestiwala dünýäniň 20-den gowrak döwletinden kinorežissýorlar geldi. Bäsleşigiň temasy 16-njy oktýabrda Täjigistanda giňden bellenilýän Täjik kinosynyň gününe bagyşlanyp geçirildi.

Mundan ozal hem «Daragt» atly türkmen filmi dünýäniň köp sanly ýurdundaky halkara festiwallara gatnaşypdy we birnäçe baýraklara mynasyp bolupdy.




Şeýle hem Täjigistandaky halkara kinofestiwalynda Maksat Gylyjowyň surata düşüren "Kompozitor" atly çeper filmi görkezilip, täjik hem-de daşary ýurtly kino muşdaklarynyň dykgatyna ýetirildi. Mälim bolşy ýaly, bu film Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýakyndan ýardam bermeginde surata düşürilipdi.

Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň ýokary hilli mazmunly film öndürmek boýunça ýurdumyzda öňdebaryjy kärhanadygyny bellemek gerek. Her ýyl ýurdumyzyň medeniýetini, taryhyny we häzirki durmuşyny görkezýän dürli žanrly täze filmler kinoekranlaryna çykýar.

## Messi «Inter Maýami» bilen 2028-nji ýyla çenli şertnamasyny uzaltdy

Argentinanyň milli ýygyndysy bilen dünýä çempiony bolan hem-de 8 gezek "Altyn top" baýragyny gazanan Lionel Messi «Inter Maýami» klubunda ýene üç ýyl galýar. MLS kluby argentinaly hüjümçi bilen şertnamanyň uzaldylandygyny mälim etdi. Täze şertnama 2028-nji ýylyň ahyryna çenli dowam eder.

«Biz janköýerlerimize uly arzuwlar bilen, ägirt uly kluby döretjekdigimize söz berdik. Bu klub öň biziň bilen bolanlaryň tutanýerliligini, zähmetsöýerligini, hyjuwyny, we arzuwlarynyň üstünde gurulan Maýaminiň ruhuny özünde jemleýär.




Leonel bilen şertnamanyň 2028-nji ýyla çenli uzaldylmagy – biziň ajaýyp şäherimize bagyşlanan senadyr. Biz «Maýami Fridom Park» stadionymyzda täze sahypalary ýazmaga sabyrsyzlyk bilen garaşýarys. Birlikde biz gurmagy we arzuw etmegi dowam etdireris», – diýip, «Inter Maýami» klubunyň dolandyryjy eýesi Horhe Mas aýtdy.

«Men bu ýerde galýandygym we diňe bir meniň arzuwym bolman, eýsem ajaýyp hakykata öwrülen – "Maýami Fridom Park" stadionyndaky oýuna gatnaşýan bu taslama boýunça işimi dowam etdirýändigim üçin örän begenýärin. Maýami şäherine gelen günümden bäri özümi bagtly duýýaryn, şonuň üçin bu ýerde oýunymy dowam etdirjändigime tüýs ýürekden begenýärin» diýip, Messi aýtdy.

Messi «Inter Maýami» toparynda 2023-nji ýylyň tomsundan bäri oýnaýar. Şol döwürden bäri ol ähli ýaryşlarda 82 oýna gatnaşyp, 71 gol geçirip, 37 netijeli pas berdi. "Transfermarkt" portalyndaky maglumata görä, futbolçynyň bazar bahasy 18 million ýewro diýlip çak edilýär.







## Ýaponiýanyň ilkinji zenan Premýer-ministri saýlandy



Ýaponiýanyň Liberal-demokratik partiýasynyň ýolbaşçysy Sanae Takaiti ýurduň ilkinji zenan Premýer-ministri wezipesine saýlandy. Ýaponiýanyň parlamentiniň her iki palatasynyň wekilleriniň gatnaşmagynda ses berişlik geçirildi.

Sanae Takaiti Ýaponiýanyň 104-nji Premýer-ministri boldy. 64 ýaşyndaky Sanae Takaiti ýurduň ozalky Premýer-ministri Sindzo Abeniň ýolbaşçylygynda işledi. 2006-njy ýylda Abeniň ýolbaşçylygyndaky hökümetde Sanae Takaiti ministr wezipesine bellendi.

Sanae Takaiti Ýaponiýanyň "demir aýaly" bolmaklyga uly gyzyklanma bildirýär. Ol Beýik Britaniýanyň ozalky Premýer-ministri Margaret Tetçeriň syýasy ugruna gyzyklanýar. Onuň esasy şygarlary "Ýaponiýany güýçli etmek", "Ýaponiýany belent derejelere çykarmak" ýaly ýörelgelere esaslanýar.

## Hindistanda Diwali baýramy mynasybetli dünýä rekordy goýuldy



Hindistanyň Aýodhýa şäherinde "Yşyklar festiwaly" diýlip hem atlandyrylýan Diwali baýramynyň öňüsyrasynda täze dünýä rekordy goýuldy we ol Ginnes rekordlar kitabyna girizildi. "BBC"-niň habaryna görä, müňlerçe meýletinçi bir wagtda mukaddes hasaplanýan Sarýu derýasynyň kenarynda 2,6 million ýag çyrasyny ýakdylar.

"Rekord derejesindäki ýag çyralarynyň sany – 2,6 million – 19 oktýabrda, ýekşenbe güni, Demirgazyk Hindistanyň Uttar-Prades ştatyndaky Aýodhýa şäherinde Diwali baýramynyň öňüsyrasynda ýakdylar. Bu görkezme Ginnes rekordlar kitabyna girizildi" diýlip, habarda aýdylýar.

Hindistanyň esasy baýramy bolan Diwaliniň öňüsyrasynda bu ýag çyralary däp boýunça ýakylýar. Bu baýram "Hindi täze ýyly" hem diýlip atlandyrylýar. Bu ýyl ol 20-nji oktýabrda bellenýär.

Diýa – kiçi ýagly çyradyr, ol Diwali baýramynyň öň ýanynda küýzegärler tarapyndan köpçülikleýin ýasalýar. Olaryň ululygy eliň ölçeginden uly däldir. Şeýle ýag çyralarysyz öý ýok diýen ýaly, sebäbi olaryň ýagtysy bir ýylyň dowamynda obalary hem-de şäherleri erbet ruhlardan goramaly diýlip hasap edilýär.